# Esasy uly ýalňyşlyk

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Esasy uly ýalňyşlyk ESASY ULY ÝALŇYŞLYK




«Hamas»-Ysraýyl urşuna başga nukdaýnazardan seretmegimi dowam etdireýin.
«Palestinanyň» ýerine nämüçin «Hamas» sözüni ulanýanymy aýtjak.
Palestinanyň Azat-edijilik guramasy (PAEG) azat, garaşsyz Palestinany gurmagy maksat edinen gurama…
Gurama Müsüriň döwlet ýolbaşçysy Nasyryň goldawy bilen 1964-nji ýylda guruldy. Ýagny, ideologiýasy nasional-sosialistik, dünýewi BAAS partiýasynyň pozisiýasyndady.
PAEG-yň düzüminde hereket edýän birnäçe topar bardy, olaryň içinde-de «El-Fetih» iň ulusydy. Ýolbaşçylary-da Ýaser Arafat…
1967-nji, 1973-nji ýyllaryň Arap-Ysraýyl uruşlaryna gatnaşan, Ysraýyla garşy köp sanly operasiýa geçiren PAEG wagtyň geçmegi bilen elini ýaragly göreşden çekdi.
Arafat BMG-de ýaraşyga çagyrdy, terrorçylygy ýazgardy, Osla ýaraşyk gepleşiklerine oňyn seretdi.
Arafata (Ysraýylyň premýer-ministri Izak Rabin, Ysraýylyň daşary işler ministri Şimon Peres bilen bile) Osla ýaraşyk şertnamasyny baglaşandygy sebäpli Parahatçylyk boýunça Nobel baýragy berildi.

Ysraýyl palestin hökümetini ykrar etdi. PAEG Ysraýylyñ kanuny güýjüni ykrar etdi.
Ýagny, Palestina-Ysraýyl dartgynlylygyñ mazaly ýumşamaga başlan döwründe, beýleki bir ýandan düýbünden başgaça üýtgeşmeler bolup geçdi:




* * *
MRU (CIA), MOSSAD ýaly ýörite gulluklar Ýakyn Gündogardaky nasional-sosialistik, dünýewi guramalara we ýurtlara garşy yslamçy toparlary goldamaga başlady. Meselem:
Ysraýyl 1967-nji ýylda Gazzäni ele geçirenden soñ, PAEG

toparlarynyñ söbügine düşüp, yslamy aktiwistlere garşy çäklendirme girizmedi. PAEG-«El-Fetihiñ» dünýewi nasioanlistlerine garşy yslamçy toparlara hoşniýetlilik görkezdi we wagtal-wagtal olara beleñ berdi…
Ýagny, Türkiýeden Müsüre çenli aralykda bolup geçen zatlar palestin topraklarynda-da şeýle boldy: MRU-dyr MOSSAD yslamçylary goldady. Mysal üçin:
Ysraýyl haýyr-sahawat guramasy ady bilen hereket edýän «Musulman doganlar» guramasy 1973-nji ýylda Gazzede «Mujama al-Islamiýa» («Yslamy merkez») atly yslamçy toparyñ gurulmagyna rugsat berdi.
Topara Şeýh Ahmet Ýasin ýolbaşçylyk edýärdi. Özem Gazzäniñ häkimi Ishak Segew bilen ýakyn gatnaşyk saklaýardy. Ikisiniñem baş duşmany PAEG-di…
Yslamçylaryñ dünýewi-çepçi palestin hereketlerine hüjüm etmeklerine Ysraýyl hemişe göz ýumup geldi (Türkiýedäki syýasy yslamçylaryñ PAEG-ne nämüçin sowuk seredýändigine, PAEG-i goldaýan çepçilere nämüçin agyz urýandygyna indi düşündiñizmi? Bu barada bir kitap ýazarlyk gürrüñ bar).
Ysraýyl 1984-nji ýylda Şeýh Ýasiniñ Gazzede ýarag ammarynyñ üstünden bardy. Ýasin tussag edildi, ol ýaraglaryny Ysraýyla däl-de, dünýewi palestinalylara garşy ulanjakdygyny aýtdy welin, boşadyldy.
A MRU näme?
ABŞ-da «Musulman arap ýaşlarynyñ bileleşigi» ýaly guramalar yzly-yzyna açuldy. Bular Ýakyn Gündogardan çagyrylan syýasy yslamçylara yzygiderli ýygnaklary geçirtdi. Aralarynda Şeýh Mahfuz el Nehemah, Mahmut el Zahar ýaly «hamasçy» ygtyýarlylaram bardy.
«Hamas» ABŞ-Kanadanyñ «Palestinaly Yslam federasiýasynyñ» adyndan hereket etdi. MRU-nyñ üç jansyzy Gazzede «Hamasa» pul berip durka ele salyndy.
Nämesine geñ galjak, MRU-nyñ bir döwür «El-Kaide» bilenem aralaryndan gyl geçenokdy.




* * *

«Hamas» («Yslamy goranyş hereketi») 1987-nji ýylda guruldy. 1989-njy ýylda Ysraýyla garşy birinji teraktyny amala aşyrdy. Yzyndan Şeýh Ahmet Ýasin tussah edildi. (Patyşa Hüseýiniñ arada durmagynda MOSSAD-yñ jansyzlary bilen Şeý Ýasiniñ çalşygy bolup geçdi).

Galyberse-de:

MOSSAD bilen gatnaşyk saklaýandygy üçin Mahmut el Zahar Liwana ugradyldy we ş.m.

MOSSAD-yñ PAEG-na garşy «goltugynda saklap ulaldan» «Hamasy»

«Hizbullah» bilen gatnaşyga girdi. 1991-nji ýylda «Hamasyñ» harby şahamçasy «Izzeddin el-Kassam» brigadalary guruldy.
«Hamas» bilen Ysraýylyñ arasynda bolýan uruşda şindizem müñlerçe adam ölmegine dowam edýär? Bar zada bir tarap günäkärmi?
Dünýewiligi ähmiýetsizleşdiren MRU-MOSSAD Ýakyn Gündogarda eken ekeniniñ hasylyny orýar! Bulam az bolýan ýaly Palestina embargo goýduryp, «Hamasy» çişirdiler…
Hawa, bu «Hamasyñ» urşy… «Hamas» häkimiýetdäki PAEG-«El-Fetih» bilenem uruşýan guramadyr…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 11.10.2023 ý. Publisistika